# Täze lider

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Täze lider TÄZE LIDER



1-nji sahna).
1988-nji ýyl. 26 ýaşly palestinaly Ýahýa iki ysraýylly esgeri ogurlamagy meýilleşdirip ýörkä şugullandy. Şübhelenen dört palestinalysyndan birini eli bilen, beýlekisini boýna oralýan ýaglyk (kefiýe) bilen bogup öldürdi. Üçünjisini islemezden we dördünjisini gaçmaga synanyşanda ýalñyşlyk bilen atdy…
Tussag edildi, günäsini boýun aldy, dört jesediñ gömlen miweli bagyñ ýerini görkezdi. Dört gezek ömürlik tussaga hököm edildi…

2-nji sahna).

1948-nji ýyl. 14-nji maýda Tel-Awiwde jemlenen Jöhit Milli Geñeşi «Ysraýyl» döwletiniñ gurlandygyny bütin dünýä jar etdi. Birnäçe sagat geçenden soñ Arap bileleşigi (Müsür, Iordaniýa,

Siriýa, Yrak) Ysraýyla garşy uruş yglan etdi.
Uruşda Ysraýyl üstün çykdy, çåklerini ep-esli giňeltdi. 700 müň palestinaly öý-öwzaryndan jyda düşdi. Gurulan lagerleriň birem Gazadaky «Han Ýunus» bosgunlae lageridi.
Bu ýerigem Ysraýylyň guraýan operasiýalary gutarar ýerde gutarmady, ilkibaşda 1956-njy ýyldaky gyrgynçylyk bilen birlikde ýüzlerçe palestinaly wepat boldy…

3-nji sahna).

1962-nji ýyl. Palestinaly Ýahýa 7-nji oktýabrda «Han Ýunus» bosgunlar lagerinde dünýä indi. Başlangyç bilimi şu lagerde aldy. Gaza uniwersitetinde arap dilinden ýokary bilim aldy. Uniwersitetde syýasy yslamçy gatlaklaryň arasyna girdi. 1982-nji ýylda tussag edildi. Türmede geljekde «Hamasyň» täsirli adamlaryndan bolmaly («El-Kassam» brigadalarynyň serkerdesi) Salah Şehade bilen tanyşdy. Radikallaşdy. 1985-nji ýylda täzeden tussag edildi. Boşadylandan soň palestinalylaryň arasyndaky Ysraýylyň hasabyna işleýän şugulçylar anyklamaga niýetlenen «Munazzamat al-Jihad wal-Dawa»-ny (MAJD) gurdy.
Girişde agzalan jenaýaty edendigi sebäpli Günbatarda «Han Ýunusly gassap» ady bilen tanalmaga başlandy…

4-nji sahna).

2004-nji ýyl. 14 ýyllap türmede oturan palestinaly Ýahýa namaz okap durka essi aýyldy. Bu ýagdaý birnäçe gezek gaýtalandy. Ol boýnunyň agyrýandygyny aýdýardy.
Ysraýylyň «Nafça» türmesiniň diş lukmany Ýuwal Bitton diagnozyny “beyin apssessi” diýip goýdy. Palestinaly Ýahýany Soroka Saglyk merkezindäki hirurglar operasiýa aldy, beýin çişmesi kesilip aýryldy.
Palestinaly Ýahýa janyny halas eden ysraýylly lukman Bittona nähili minnetdardygyny aýtdy. Palestinaly Ýahýa lukmana «Hamasyň» ideologiýasyny gürrüň berip, elmydama iki döwletli çözgüdiň mümkin däldigini tekrarlap geldi…

5-nji sahna).

2011-nji ýyl. Türmede köpden bäri oturan palestinaly Ýahýa ýesir çalşygy bilen azatlyga çykdy. «Hamasyñ» ýokary düzümli ýolbaşçylaryndan biri boldy, goranmak ministrine meñzeş wezipä bellendi…

* * *

2012-nji ýyl. Ysraýyl Gaza sektoryna gönükdiren «Bulut sütüni» atly operasiýasyny geçirdi. Bir hepdede segsen raketa uçurdy. 174 palestinaly wepat boldy.
Uruş gidip durka, palestinaly Ýahýa arap dünýäsiniñ Ysraýylyñ zalymlygyna keseden tomaşa edip durandygy üçin Tährana gidip, Rewolýusion gwardiýanyñ «Kuddus güýji» goşun bölüminiñ serkerdesi general Kazym Süleýmany bilen görüşdi we Eýranyñ «Hizbullah» bilen bolşy ýaly «Hamas» bilenem harby hyzmatdaşlygyñ güýçlendirilmegini haýyş etdi. («Hamas» MRU-MOSSAD gulluklary güýç birikdirip Kasym Süleýmanyny öldürende, iny «Beýtulmukaddesiñ şehidi» yglan etdi).

7-nji sahna).

2023-nji ýyl. «Hamasyñ» «Aksa tupany» adyny beren 7-nji oktýabrdaky hüjüminiñ «beýnisi» palestinaly Ýahýady.
Hüjümde ölen müñ iki ýüz afamyñ birem diş lukmany Ýuwap Bittonyñ uýasynyñ ogludy, ýagny ýegenidi…

8-nji sahna).

2024-nji ýyl. 31-nji iýulda Ysmayl Haniýäniñ MRU-MOSSAD gulluklarynyñ bileleşmeginde Tähranda öldürilmeginiñ yzynsa, palestinaly Ýahýa, ýagny Ýahýa Ybraýym Hassan Sinwar biragyzdan «Hamasyñ» Syýasy býurosynyñ başlyklygyna saýlandy.

9, 10, 11, 12, 13, 14-nji sahnalar dowam eder durar… Munuñ özi hakyky gan ýitgisi!
Meniñ bu makalamdan näme netije çykarsañyz çykaryberiñ, pikirimi Aliýe Izzetbegowiçiñ sözi bilen jemläsim gelýär: «Uruşda öleniñde däl-de, duşmana meñzäniñde ýeñlişe uçralýar!»

Soner ÝALÇYN.

«SÖZCÜ» gazeti, 09.08.2024 ý. Publisistika